# Aşyk Merdan kyssasy -4/ dowamy

Category: Kitapcy,Powestler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aşyk Merdan kyssasy -4/ dowamy ***

Ertesi men turşum ýaly, çaýam içmän Bükdizowyň ýanyna ylgadym.
–Jümle-jahanda hiç bir zat yz galdyrman ýitip gitmeýär –diýip, bir girip, bir çykyp, bir kompýuterleri, bir antennalary sazlap, başagaý bolup ýörşüne Bükdüzow howlukmaç seslendi. –Göze görünýän dünýäniňki bolsun, görünmeýän dünýäniňki bolsun, efir özünde bolup geçýän islendik hadysany, hereketi öz diskine hemişelik ýazyp goýýär. Islän wagtyň gaýtadan görüp oturmaly. Ýöne onuň diskine girmekde iş bar. Onsoňam Kosmos bilen iş salyşanyňda ägä bolmaly. Onuň bilen ylalaşykly işlemeli. Kejine gaýdyberseň ýa äsgermezlik ediberseň ol halamaýar.
Soňabaka alym meni bütinleý ýatdan çykardy. Gürleşse-de öz-özi bilen gürleşdi. Durup-duryp samyrdady. Derledi. Süllümbaý boldy. Arasynda kimdir biri bilen gaýybana maslahatlaşdy. Hudaýa mynajat etdi. Mülkine aralaşýandygy üçin ondan ötünç sorady. Toba etdi. Doga okady. Soň meniň ýüzüme seredip birgiden sorag berdi. Ýöne nazarynyň pytraňňylygyndan çen tutyp, ol soraglaryň özüme degişli däldigini aňdym. Ol maňa nämälim bolan haýsydyr bir ylmy dilde gürleýärdi we elleri bilen birsyhly “bar,çyk”, diýen manyda yşarat edýärdi.
Esli wagtdan soň ol menden ýüzüni sowdy we öz soraglaryna özi jogap berip başlady.
Enjamlaryň hemmesi işleýärdi, ýöne, alym köplenç beýlekilere görä ulurak görünýän kompýuter bilen iş salyşýardy. Häli-şindem şoňa çatylan ekrany uly, reňkli telewizora tarap nazaryny aýlaýardy. Olaryň ikisem düýnki, biziň asmanlary synlan enjamlarymyzdy.
Men Aşyk Merdanyň ýogalan sagady bilen minudyny anyk bilmeýärdim. Şo-da alymyň işini birazajyk kynlaşdyrdy. Ahyram

ol meniň golumdan tutdy-da, gapa tarap itekledi:
–Baryň gidiň. Päsgel bermäň. Men gapyny ýapjak. Gerek wagtyňyz özüm çagyraryn.
Gitdim. Baryp çatmanyň agzyndaky demir krowadyň üstüne düşek atdym. Çiňarkan düşüp ýatyşyma asmana seretdim.
… Asman, Ýedi gat asman. Hersem bir dürli. Bükdüzowyň aýdyşyna görä hersiniňem öz funksiýasy bar.
Eýsem Aşyk Merdan şu wagt olaryň haýsy birinde ýüzüp ýörkä? Haýsy reňki gulaçlap ýörkä? Haly niçikkä? Ýagdaýjyklary nähilikä? Yzyna gaýdasy gelýärmikä? Ýa ümzügi öňemikä? Süýt kölüne tarapmyka? Biziň bu ýerde garaşýandygymyzy bilýärmikä? Sähergülüň başyna düşen ahwalatlardan
habarlymyka? Kosmos garaňky hem sowuk diýýärler, eýle bolsa ol gorkman, üşemän barýarmyka? Ýa eýýäm yzyna gaýdaýdymyka? Başga bir ten içre dogulaýdymyka?
Bu soraglara Bükdüzowyň özünden başga jogap beribiljek adam ýok. Ol bolsa meni kowýar. Gysganýar. Meniň welin onuň ýanyndan aýrylasym gelenok. Basymrak oglumyň ruhuny göresim gelýär.
Eý, Alla! Alyma özüň kömek et! Golda! Ol sogap iş edýär. Ol adamlary seniň ýoluňa ündeýär. Oňa päsgel berýän “Üç harply” edarany ýap! Erkin işläri ýaly mümkinçilik döret!..
… Bir görsem iňrik garalyp barýar. Hä diýmänem salkynjak şemal öwüsdi. Ilerdäki keserip ýatan gara dag tümlüge garyldy. “Biziň-de-siziň…” bolşup gelen sylaşykly çybynlar negözel sergin howanyň mazasyny aldy. Üznüksiz kakynyp ýatyşyma men ahyry uklapdyryn. Şol aralykda-da düýşüme Aşyk Merdan giripdir. Ol eli ak baýdakly giň giden sähranyň içinde iki ýana ylgap ýör. Käte bir belendiräk ýere çykyp: “Sähergü-ül!!!. Sähergü-ül!!!..” diýip gygyrýar. Niredendir bir ýerden “Men bärde-e!!!..” diýen näzik ses eşidilýär. Aşyk Merdan beýikden ylgap düşýär-de, şol tarapa okdurylýar. Emma hiç kim ýok. Ol ylganda sähranyň al-elwan gülleri, ýaşyl ýylaklar aýagyna çolaşýar. Men onuň ýykylaýmagyndan heder edýärin. “Merdan ja-an! Häzir bol oglum! Ýykylaýma-a!.”diýip gygyrýan. Ol welin maňa gulagam asanok. Maňa tarap nazarynam aýlanok. Taýjagazyny gözläp şo-ol, iki ýana ylgap ýö-ör, ylgap ýör…

Öz sesime özüm oýanypdyryn. Görsem daň atyp barýar. Asmanyň ýüzüne çal reňk çaýylypdyr. Dünýäniň maşryk tarapy çalarak gyzarýar. Onda-munda öçügsije ýyldyzlar görünýär. Uzak eglenmän olaram yzly-yzyna sumat boldular.
Taňrynyň tegeleginiň dogmagy bilen ilerimizdäki dagyň garamtyl gök reňki üýtgäp başlady. Ol ilki aksowult gök reňke öwrüldi. Soň gerişlerine gyzgylt reňk çaýyldy, kölege düşdi. Şondan soň onuň beýigi-pesi, kerti-gaýasy aýyl-saýyl bildirdi. Çür başynda oturan seýrek arçalary, kerkawlary ýeke-ýeke sanap oturmaly boldy.
Hersi öz dilinde gürleýän guşlaryň jürrüldileri töwerek-daşy agyr märekeli meýlise meňzetdi.
***

Men esli wagtlap ýaýdanjyrap oturdym. Barsammykam? Barmasammykam? Kowarmyka? Kowmazmyka? Içeri göýberermikä? Göýbermezmikä?
Ahyram ýüregimi bire baglap ýerimden turdym. Ýuwaşja ädimler bilen gorka-gorka BükdÜzowyň ýanyna ugradym.
Ol gije daş çykyp, gireninden soňam ýapmany unudan bolsa gerek, men barsam gapy gulplanmadyk ekeni. Şeýle-de bolsa ur-tut giribermäne çekindim-de, işik bilen söýäniň aralygyndaky yşdan jykladym. Şol bir hars urup ýörşi. Göz görtele horlanypdyr. Ýüzi öňküsindenem beter saralypdyr. Gözleriniň üsti pökgerip dur. Nury öçügsi. Edil hassalyga ýatyp turanyňky ýaly. Kirpikleriniň düýbüne çenli ýellenipdir,agarypdyr. Ýüzüniň gasynlaryndan çykýan derler boýnundan syrygyp endamyna ýaýrap gidýär. Köýneginiň ýagyrnysy öl-suw. Sykybermeli. Ýöne ol bu zatlary duýanok. Hereketi henizem çalasyn. Elleri çakgan. Beden ýadawlygynyň aňyrsynda nähilidir bir lezzetiň ýatandygyny aňmak kyn däl. Ol meniň daş işikde durandygymy duýdy.
–Giriň! Giriň! –Girdim. Ol bir bökende ýanyma geldi. Golumdan tutup töre geçirdi. –Geliň! Geçiň! Barşymyz erbet däl. Gowy. Ýagşy umytda bolalyň… –Alym meni düýnki kürsüniň üstünde oturtdy. Galyň äýneginiň aňyrsyndan hüwininiňki ýaly tes-tegelek bolup görünýän gözlerini gözlerime dikdi. Üstüni saryja tüýler

örtüp duran süňklek, ak eliniň derden ýaňa öl-suw bolan aýasyny egnime goýdy. –…Özüňizem ýene-de doga ediň. Eden günäleriňiz bolsa Biribardan ötünç soraň. Toba ediň. Ýöne ak ýürekden bolsun. Kalbyňy arassalaman Kosmos bilen iş salyşmak bolmaýar. Ýogsam ol bizi kowar.
Men içimden doga okadym. Toba etdim. Hudaýdan ötünç soradym. Özümem garaçynym bilen, tüýs ýürekden soradym. Öwran-öwran gaýtaladym. Gaýtaladygymsaýy kalbyma giňlik aralaşdy. Süňüm ýeňledi. Beýnim rahatlandy. Bükdüzowyň başlan işiniň şowly tamamlanjakdygyna bolan umydym artdy. Ak ýürekden edilen tobanyň adama şeýle çalt täsir edýändigine men şonda birinji gezek göz ýetirdim.
…Çäş wagtlary boluberende ekranda akja nokat göründi. Kem-kemden ulaldy. Ýokary galyp başlady. Bükdüzow:
–Ine!..–diýip, ulyili bilen gygyrdy-da, sag eliniň aýasy bilen budyna kakdy. Megerem meni gözlän bolsa gerek, töweregine garanjaklady, iküç gezek dagy öýüň içine göz aýlady. Nazary nazaryma düşendenem geldi-de, garsa gujaklady. –Tapdym!!! –Şondan soň ol ekranynda akja nokatjyk görnüp duran telewizoryň däl-de, şoňa çatylan kompýuteriň alkymyna dykyldy. –Biz häzir ruhuň tenden çykyp asmana ugran pursadyny görýäris. Onuň şu güne çenli geçen ýoluny öz hereketi boýunça yzarlajak bolsak bize kän wagt gerek bolar. Yzyndan ýetip bilmeris. Emma tä yzyndan ýetýänçäk men ony çaltlandyrylan usulda yzarlap bilerin. Yzyndan ýetenimizden soň welin onuň öz aýagyna eýermeli borus…
Men ýerliksiz sorag berdim.
–Uzaga çekermikä?
–Ruh öz üstünde işläp bolýança…Ýagny… –Ol stoluň başyna bardy. Onuň üstündäki çaşyşyp ýatan kagyz-galamlardan alyp bir zatlary hasaplaşdyrdy. –Jemi alanymyzda ýene bir ýüz ýigrimi bäş gün gerek…
–Dört aý-da?
–Howwa. Şonçarak.
–Ol häzir haýsy asmandaka?
–Onuň hasaby örän ýönekeý. Edil şu wagt ogluňyzyň ýogalanyna näçe gün geçdi?

–Bäş ýüz kyrk bir gün.
–Diýmek, ol häzir altynjy asmanda. Eger-de aşaky gatlardan yzyna gaýtmadyk bolsa.
–Gaýdan bolsa?
–Onda, kompýuter bize onuň nireden yzyna gaýdandygyny görkezer. Nirede, haçan haýsy tende dünýä injekdigini ýa-da eýýäm inendigini aýdar. Onda siz ogluňyzyň ruhuny basym başga bir bedende görüp bilersiňiz.
Bu gezek Bükdizowy men gujakladym. Şondan soň ýanyndan aýrylmadym. Käte bir çatmama gidip çaý-çörek iýip geläýmesem, ähli wagtymy şonuň ýanynda ekrana seredip geçirdim. Ruham birsydyrgyn asmandan-asmana geçip gidip otyr. Men bolsam onuň haýsam bolsa bir gatdan yzyna gaýdaryna garaşýaryn. Onuň bilen zemin üzre boljak duşuşyga taýýarlyk görýärin. Köp zatlar babatda, hususan-da gaýynlaryndan gorap bilmändigim üçin ötünç soramaklygy ýüregime düwýärin. Birdenem onuň baýanjygyny goltuklap öýden çykyp barşy gözlerimiň öňünde peýda bolýar. Şonda men: Kimiň teni bilen bolsa-da tapawudy ýok, eger-de ol zemine gaýdyp geläýse, men oňa öňi bilen baýanyny eltip bererin, diýip göwün ýüwürtýärin. Ýöne men oňa ýeke bir baýanyny däl, çeken atlarynyň suratlaryn, ýasanja şaý-sepjagazlaryn eltip görkezerin. Şol zatlara gözi düşse ol meni tanar. Meni tanadygy ejesinem, doganjyklarynam tanar. Tigirlenipjik geler-de: “Kakam jan! Ejem jan! Doganjyklarym!!!” diýip, ýeke-ýeke boýnumyza zyňar. Bu hökman şeýle bolar. Çünki Bükdüzowyň aýtmagyna görä çaga alty ýaşyna çenli öňki ömrüni ýatlamana ukyplymyşyn. Aşyk Merdanyň ukybynyň üýtgeşikdigini bolsa Bükdüzowyň özi aýtdy. Onuň bizden Sähergüli soraýmagam ahmal. Ahmal däl, hökman sorar. Ýöne, onuňam bireýýämler öz yzyndan gidendigini oňa aýtmalymy, aýtmaly dälmi? Aýtmaly bolaýanda-da biz ony aýdyp bilerismi, bilmerismi? Ine, şony welin bilemok. Nädende gowy boljakdygyna aklym çatanok.
…Şol aralykda-da, aramgähleri bir ujundan ýykyp başladylar. Ilk-ä görküni alýar, diýip, garyp-pukaralaryň köne-küşülden salnan egbarrak jaýlaryny ýykdylar. Soň üstünden ýol düşýär diýip abadrak jaýlaram ýykyberdiler. Ondan soň bu ýerler “Gök

guşak” paýdarlar jemgyýetine berildi, Aşgabadyň daşyny gür gara baglyga öwürmeli, diýip, baýlaryň salan belent-belent ymaratlaryna çenli, uçdan-tutma ýykyp başladylar. Hatda biziň skwazinamyzyň mähnet uly suw sygymyna çenli kebşir bilen kesip-kesip aýyrdylar. Özlerem içinde adam ýaşamaýan bolsa-ha islendik jaýy göni gelýärdiler-de, ýykyberýärdiler, adam bar bolsa-da bir ýa iki gezek duýduryş berýärdiler, dil hat alýardylar, üçünji gezek gelýänçäler çykmasa-da traktor getirip ýumurýalar gidiberýärdiler. Özüň ýykyp gurluşyk serişdeleriňi alyp ýetişseň-ä etişeniň, bolmasa ondanam galýaň.
Duýduryş Bükdüzowa-da berlipdi. Ýöne ol çykmana howluganokdy. “Men şu gözleglerimi tamamlamasam, başyma ýumursalaram çykman”, diýýärdi. Ýarawsyzlygyna salgylanyp dil hatam berenok. “Ýarawsyz adamyň jaýyny ýykmana hakyňyz ýok” diýip, häkimlikden gelenler bilen eňekleşýär. Kejeleşýärdi. Ol kejeleşdigisaýam häkimlik işgärleriniň göhleri gelýärdi. Bilgeşleýin ýakmaz ýerlerinden tutup ony gijjeleýärdiler. “Siziň jaýyňyz ýykylan gün-ä adam hukuklaryny goraýjy halkara guramalarynyň barysy birden aýaga galaýarlar-ow” diýşip, hikirdeşýärler. Gyjyndyrýarlar.
Şeýle ýagdaýda oňa işlemek kyn bolýardy. Ol welin barybir gaýra tesenok. Işini dowam etdirip gidip otyr. Käte günuzyn ekranyň başyndan aýrylman, pulty gysymyna gysyp, iýmän-içmän oturýar. Uzynly gije ýatman çykýan wagtlaram bolýar. Gözümiň öňünde eräp-akyp gidip barşyna nebsim agyrýar. Şeýle-de bolsa edibilýän kömegim ýok. Kölegesi ýaly girse girip, çyksa çykyp ýörün. Ekranyň öňüne çökse menem çökýärin.
Ol mahal-mahal:
–Gowy. Özüni alyp barşy gowy. Gidip baryşam gowy –diýýär we ýene-de uzak wagtlap sessiz – üýnsiz öz işine gümra bolup oturýar.
Şeýdip biz belli bir möhletiň içinde çaltlandyrylan usul bilen Aşyk Merdanyň üç asmandan geçendigini gördük.
Ykbal ýazgysy ýazylan dördünji asmana baranda ruhyň özüni alyp baryşy düýpgöter üýtgedi. Ol birden-kä iki ýana urnup başlady. Para-para boldy. Her parasam parçalara bölündi. Sallam-sajak

bolup iki ýana ykdy. Sozuldy. Büzüldi. Hersi aýratynlykda lerzan urdy. Ahyram diýseň kynlyk bilen bütewi bir sudura geldi-de, bir zadyny galdyran ýaly yzynda akja tozan galdyryp güw aşak gaýtdy. Şonda ol yzyna şöhle saçyp barýan guýrukly ýyldyza meňzedi. Üç gezek öwrüm ýasap ýene-de ýokary göterildi. Bükdizow gamgyn seslendi.
—Ruh täleýinden nalaýar. Tenini wagtyndan ir taşlap gaýdandygy üçin ejir çekýär. Ykbal ýazgysyny ýokuş görýär. Zemine dyzaýar.
Meniň öňdenem gyýym-gyýym bolup duran ýüregim erbet sançdy. Awady. Ynjady. Agrady. Çünki, ruh zemin üzre ýeke bir tenini däl, söýgüsinem, indi ýasalmaly nepisden-nepis şaý-seplerinem, gowy görýän ýelaýak atlarynam, hossarlarynam, ejirlem bolsa içi gyzykdan doly dünýäsinem taşlap gidipdi.
Şol wagt oňa seredip oturmak mümkin däldi. Ol hupbada diňe Bükdüzow çydaýardy. Ol ruhyň her bir hereketini ýeke bir synlamak, tehniki taýdan sazlamak bilen çäklenmän, eýsem onuň özüni alyp barşyny mehaniki ýazgylara, wideo ýazgylara hem geçirýärdi. Suratyny alýardy.Golunyň aşagyndaky kagyzlara birgiden bellikler edýärdi. “Şykyr-şykyr” edip duran “faks” apparatyndan çykýan kagyzlara tarap boýnuny süýndirip seredýärdi. Ondaky ýazgylary başga bir kompýuteriň ekranyndaky alamatlar, şekiljagazlar bilen deňeşdirýärdi.
Meniň öňem ýüregim dolup ýygy-ýygydan daş çykmaly bolýardym. Bu gezeg-ä asylam oturyp bilmedim. Çykdym. Mellegime bardym. Çatmama girdim. Onuň bir künçjagazyna çekildim-de, tä içimi egisýänçäm içigip-içigip agladym. Içimi egisenimden soňam esli wagtlap çatmadan çykman oturdym.
Mazaly özümi raslanymdan soň ýene-de Bükdizowyň ýanyna bardym. Ruh indi urunmasyny goýupdy. Öz üstünde arkaýyn işleýärdi. Birdenem ol ýokary süýşüp başlady. Ekranyň goýy gök reňki ýitdi-de, açyk gök reňk peýda boldy. Diýmek, ruh bäşinji asmana geçdi. Ol ýerde onuň ýaşan ömründäki başdan geçiren içki duýgulary ýazylgy bolmaly. Ruh özüni bu ýerde diýseň parahat, edil öz häsiýeti ýaly mylaýym alyp bardy. Birnäçe günden soň, iman jemlenýän altynjy asmana geçdi. Hut şol ýerde-de, Bükdüzow onuň yzyndan ýetdi. Ol indi çaltlandyrylan

suratda işläp biljek däldi, diňe ruhyň yzyna düşmelidi. Ol şeýle hem etdi. Onuň aýdyşyna görä bu iň aýgytlaýjy hem kesgitleýji gat. Ol asman goňur hem mawy reňkden ybarat. Günäsi köp bolsa, ruh şol ýerde goňur reňke öwrülip täzeden kämilleşmegi üçin yzyna gaýtmaly, az bolsa welin synag möhleti tamamlanandan soň mawy reňke boýalyp Ýedinji asmana çykmaly.
Her gata baranda ruhy hakykatdan-da şol asmanyň eýesi ýagny, Bükdüzowyň aýdyşy ýaly “müdüri”garşy alýardy, aşaky gatyň eýesi bolsa ony şol gata çenli ugradýardy we ony oňa tabşyryp özi yzyna gaýdýardy. Olar ak sütünjikler görnüşde, ekranyň sag tarapynda hereket edýärdiler we özlerini örän salyhatly alyp barýardylar. Ruhyň hereketlerine goşulmaýardylar. Magtymgulynyň ýazyşyna görä, olaryň atlary şu tertipde bolmaly: ýagny, birinji asmanyňky Ysmaýyl, ikinjiniňki Kabaýyl, üçünjiniňki Tokbaýyl, dördünjiniňki Nurbaýyl, bäşinjiniňki Sefbaýyl, altynjynyňky Abaýyl, ýedinjiniňki Nurbaýyl.
Aşyk Merdanyň ruhynyň asmandan-asmana geçip barşy onuň öz ömründe gowy-gowy niýetler edendigini, kalbynda köp-köp ýagşylyklary, ägirt uly söýgüni saklandygyny mala-mülke, baýlyga gyzman, Hudaýyň barlygyna iman getirip ýaşandygyny akyl derejesiniň kämil bolandygyny, ata-enesine, dogan-garyndaşlaryna, ile-güne hormat goýandygyny aňladýardy. Ýöne ine, şu iň soňky basgançagyň bosagasyna bardy welin, mende birhili çagamy indi ikinji gezek elimden aldyryp barýan ýaly gowuşgynsyz duýgy döredi. Men ony Ýedinji asmandan gabanyp başladym. Şol pursat men onuň goňur reňke öwrülip yzyna dolanaryny isledim. Çünki, altynjy asmandan geçse ol Hudaýa gowuşýardy we şol ýerde baky galmaly bolýardy. Gaýdyp ýere dolanmaly däldi. Bu bolsa tanasa-tanamasa-da onuň bu dünýä geljekdigi, iň bolmanda biziň dem alýan howamyzdan dem alyp ýaşajakdygy baradaky arzuw-isleglerimi puja çykarýardy.
Ine-de ruh mawy reňke öwrülmäne başlady. Men gözlerime ýaş aýlap Bükdüzowyň ýüzüne seretdim. Bir zatlar diýjek boldum. Emma, bokurdagym dolup gepläp bilmedim. Ol meniň ýagdaýyma düşündi.
—Biz zemin perzentleri köplenç öz duýgularymyz bilen

ýaşaýarys. Sizem häzir şeýle. Öz duýgularyňyzyň ugryna gitjek bolýaňyz. Emma bu ýerde Biribaryň emri ýatyr. Bar zady çözýän şol. Oňa biz boýun bolaýmaly. Bolşy ýaly kabul edäýmeli. Ogluňyzyň ruhynyň Ýedinji asmana geçmäne mümkinçilik gazanandygyna siz begenmeli. Ýedinji asman – bu ölüniň-diriniň ýetip bilmeýän derejesi. Biribaryň öýü. Oňa diňe Allanyň derejesine mynasyp bolan kämil ruhlar baryp bilýärler. – Özünden soramakçy bolýan zadymy Bükdüzow ýüzümden aňdy. – Dogry. Umuman alanyňda o diýilýän zatlar dogry. Öz janyňa kast etmekligem edil başga biriniň janyna kast edeniň bilen deň. Çünki, jan seňki däl. Allanyňky. Ol ony saňa wagtlaýynça berdi. Amanat berdi. Öz beren janyna jebir eden adamy Haktagalla halamaýar. Şol kanyna görä ruh birwagtlar yzyna gaýtmalydy. Ýöne, bu ýerde mesele başgaça. Bu arada aşyk-magşuklyk tragediýasy ýatyr. Bu işde günä ýaş ýürekleri biri-birinden bilkastlaýyn aýyran, ant içip antyndan, kasam içip kasamyndan dänenleriň, olary şu ýola iteklänleriň, sebäpkärleriň üstüne düşýä. “Söýgüniň gözi ýok” diýýändirler. Şonuň üçinem, Hudaý aşyklyk oduna başga biriniň günäsi bilen ýanan bigünä çagajyklaryň günäsini geçýär. Kyýamat güni Aşyk Merdanyň we onuň söýgülisi Sähergüliň köýen ömri üçin gyzyň ata-enesi jogap bermeli bolar. Dowzahyň oduna-da şolar ýanar. Onsoňam janyňa kast etmekligiň aňyrsynda Hudaýa bolan söýgümi protestmi, täleýe bolan nalyşmy, dünýä, ile-güne, dogan-garyndaşa bolan ýigrençmi, nämemi ýatandygy hasaba alynýar. Aşyk Merdanyň ýüreginde hiç kime, hiç zada bolan ýigrenç ýok. Ony asman synaglary görkezdi. Ol söýgi bilen doguldy, söýgi bilenem gitdi. Ol dürli ýollaryň, dürli dinleriň üsti bilen Hudaýy gözledi. Söýgülisiniň özünden dänip, başga birine durmuşa çykandygyny aýdanlarynda-da ol ondan dänmedi. “Barybir men seni söýýän. Maňa senden başga hiç kim gerek däl” diýdi. “Kyýamat güni duşuşarys” diýip, hat goýup gitdi. Şol hatyň möhri häzirem onuň ýanynda. Şonuň üçinem, Magşar meýdanynda durkalar, Allatagalla ähli aşyklar bilen bir hatarda Aşyk Merdanam öz ýaryna gowşurar. Jennetden orun berer. Oňa çenli bolsa ony öz ýanynda saklar.

…Ine-de ruh dolulygyna mawy reňke öwrüldi. Ol indi Ýedinji

asmana çykmaly. Emma näme üçindir eglenýärdi. Altynjy asmanyň “müdüri” bolsa yzyna gaýtjagynam bilmän, saklanjagynam bilmän ýolagçynyň gapdalynda janserek bolup durdy.
Birdenem ekranyň aşak eteginde ýene-de bir akja nokat göründi. Başda oňa Bükdüzow ikimizem tötänden düşen bir bulaşyklykdyr ýa enjamlaryň näsazlygyndan dörän näbelli şekildir öýtdük. Emma, ol nokat kem-kemden ulalmana, Aşyk Merdanyň ruhyna tarap süýşmäne başlady. Göwnüme bolmasa Aşyk Merdanyň ruham oňa tarap süýşen ýaly boldy. Men Bükdizowyň ýüzüne seretdim. Ol egnini gysdy. Oňa çenlem aşaky ak şöhle süýnüp bardy-da, ýokarky şöhläniň daşyndan bir öwrüm etdi. Şondan soň ol ikisi biri-birleriniň daşlaryndan aýlanyşyp tans etmäne başladylar. Iň geň ýeri soňky gelen ak şöhle-de kem-kemden mawy reňke boýalyp başlady. Birdenem ol iki şöhle garyşdy.
Bükdizow “Oh!” diýdi-de buduna şapbatlady. Böküp ýerinden turdy. Işläp oturan wagty garaşmaýan zadynyň üstünden baranda ýa tötänden bir zar ýadyna düşende edýän endigine görä, aýalryny çarpyp uly-ili bilen gygyrdy.
–Magşugy geldi! Eşidýäňizmi, magşugy geldi! Tapyşdylar! Altynjy asmanda tapyşdylar! Indi olaryň ikisem Ýedinji asmana çykarlar. Beýle ýagdaýa meň özümem garaşmandym, gardaş! Ynanaý! Bu meniň üçin ullakan täzelik! Açyş! Ewrika!Ur-ra-a!!!…
Şondan soň sähelçe salym geçmänkä Bükdüzow ýene-de bir açyş etdi. Ýagny, Aşyk Merdanyň magşugynyň ruhy gelmezindenem birnäçe gün öň ekranda başga-da bir kiçijek nokat peýda bolupdy. Ol birsyhly Aşyk Merdanyň ruhynyň daşyndan pyrlanýardy, kä sagyna, kä soluna geçýärdi. Käte-de ruha çolanyp bütinleý ýitip gidýärdi. Esli wagtdan soň ýene-de ondan bölünip aýrylýardy-da, akja kebelek ýaly daşynda pelesaň urup başlaýardy.
Bükdüzow oňa-da köne kompýuterleriň näsazlygydyr, şolaryň käte bir edäýýän ýalňyş oýunlarynyň biridir öýdüpdi we kän bir ünsem bermändi. Halys ýüregine düşüberse-de kompýuterleriniň o ýerini bu ýerini gorjalap ugraýardy. Sazlajak bolýardy. Nokatjygy ekrandan aýyrjak bolýardy. Emma nokat aýrylmaýardy. Şolar ýaly-da Bükdüzow barmaklary bilen iki gaşynyň arasyny

owkalap oturşyna:
–Ýok,ýok! Beýle bolmaly däl. Ol hasap däl. Bu defekt! Ýalňyşlyk! Enjamlaryň günäsi! –diýip öz-özi hüňürdeýärdi. Faks apparatyna düşýän bellikler bilen ekrandaky sanlary, tablissalary deňeşdirip görýärdi. Birsyhly başyny ýaýkaýardy, samraýardy, gyjynýardy, kejikýärdi, derleýärdi. Aşaky dodagy bolsa häli-şindi dişläp durandygy zerarly göm-gök bolupdy.
Emma ine, Aşyk Merdanyň ruhyna magşugynyň ruhynyň gelip gowuşmagy Bükdüzowy ojagaz şöhlejik barada başgaça pikirlenmäne, oňa düýbünden başgaça çemeleşmäne mejbur etdi. Iň geň ýerem, ojagaz şöhle aşyk-magşuklaryň ruhlarynyň edýän hereketlerine görnetin reaksiýa bildirýärdi. Olara goşulyşyp tans edýärdi, oýnaýardy, bökýärdi. Üstesine birden-kä o-da mawy reňke öwrülip başlady.
Bükdüzow tutuş göwresi bilen arkan gaýyşdy-da, ýadaw gözlerini maňa dikdi. Ernininiň bir tarapyny aşak gyşartdy-da, sag eliniň aýasy bilen agzynyň bir tarapyna goýup pyşyrdap diýen ýaly:
–Gelin göwrelidimi? –diýdi.
Men başymy atdym. Bolan işleriň barysyny bolşy ýaly gürrüň berdim.
Alym diňläp bolýança zordan çydady. Men sözümi gutaranymdanam, içini tutup oturgyja çökdi.
–Ah zalymlar… Wah naýynsaplar… Jüýjejikleri nädäýipdirler, görgülijikleri nä günlere salypdyrlar…Olar hökman ýanarlar. Dowzahyň oduna. Ýanarlar. Hökman ýanarlar! Bigüman ýanarlar…
Ruhlar welin ýene bir meýdan biri-birleri bilen kä goşulyşyp, kä aýrylyşyp, kä sakgyç deý süýnüşip, kä o ýan, bu ýan owsunyşyp, soň ýene-de garyşyp geň-enaýy oýunjagazlar etdiler. Üçüjigi birleşip halka gurnadylar. Aýlaw ýasadylar. Şol aýlawyň kä içinden, kä daşyndan parran-parran geçdiler. Käte iňňän çylşyrymly hereketler edip gyzlaryň boýunlaryna dakýan gyzyl zynjyrlary ýaly nepis zynjyrjyklar ýasadylar. Her hili şaý-sepleri şekillendirdiler. Bedew atlar deý ekranyň o çetinden bu çetine, bu çetinden o çetine, ýokarsyndan aşagyna, aşagyndan ýokarsyna tarap ýüwürdiler. Birdenem ir geçen durnalar deý hatara düzüldiler-de, Altynjy asmanyň gatyny parran böwsüp, ak nurdan ybarat Ýedinji asmana tarap

towusdylar.
Köpden bäri ýaýdanjyrap ýören “müdür” diňe şondan soň yzyna gaýtdy. Endamymda erbet bir gowuşgynsyzlyk peýda boldy. Ysgynsyzlyk basdy. Bedenimiň ähli agzalarynda elhenç bir sorkuldy emele geldi. Süýeklerim lerzan urdy. Bogunlarym ýeke-ýeke söküldi. Ýüregim eräp akdy-da, dabanyma tarap süýşüp gitdi. Huş başdan göçdi. Gözlerimiň içine-de gum dykylan ýaly. Gus-gury. Gabaklarym hereket edibilenok. Açylanok.
Şeýle ýagdaýda näçeräk oturanymy bilemok. Bir haýukdan soň başymy galdyrsam Bükdizowam goşa ýumrugyny münderläp kompýuteriň üstünde goýupdyr-da, maňlaýynam şoňa diräp, dik duran ýerinde irkiljiräp dur. Özem iki büklem. Aýaklary saňňyldaýar. Mahal-mahalam tutuş göwresi bilen bir tarapa buruljyrap gidýär-de, birdenem tisginjiräp öňki kaddyna gelýär. Gözüni açalak-ýumalak edip töweregine garanjaklaýar. “Ah-wah” etdirip bir zatlar diýýär-de, ýene-de maňlaýyny goşa ýumrugynyň üstünde goýýar. Göwre ýene-de gyşaryp başlaýar.
Bu boluşda onuň ýykylaýmagy, bir ýerine şikes ýetiräýmegi mümkindi. Şonuň üçinem men zoraýakdan diýen ýaly ýerimden turdum. “Dähedem-dessemläp” onuň ýanyna bardym. Golumy egninden aýlap aldym. Ussullyk bilen diwanyň üstünde oturtdym. Gyşarmazdan ozal ol gözlerini süzgekledip maňa seretdi. Gan öýen dodaklaryny çalaja gymyldatdy. Bokurdak bilen burun aralygyndan edil syçanyňky ýaly injejik, ysgynsyz ses çykdy.
–Ah zalymlar… Ah naýynsaplar… Olardan ata-ene bolmaz. Olar zalym! Jellat! Olar ýanarlar! Hökman ýanarlar!
Ol aglaýardy. Sessiz aglaýardy. Has takygy ýüregi aglaýardy.
Öz ýagdaýymyňam onuňkydan öwerlikli däldigine garamazdan men oňa göwünlik beren boldum.
–Rahatlanyň, Galandar Saryjaýewiç, ýatyň, dynjyňyzy alyň. Siz iňňän uly iş etdiňiz. Taňryýalkasyn.
Edil şol wagtam daşardan telim gün bäri onda-munda ala tozan turzup ýören traktoryň tanyş “tarryldysy” eşidildi. Ýaňy bir gyşaran alym tisginip tirsegine daýandy. Näme üçindir jaýyň petigine seretdi. Soň: “Bu nämäniň alamaty” diýýän manyda meniň ýüzüme jüýjerildi. Dilime gelenem şu boldy.
–Ýykmana geldiler öýdýän…

Sözümi soňlap-soňlamankam, köçe tarapky diwara äpet bir zat “hütüläp” degdi. Jaý sarsdy. Kä ýeriniň suwaglary gaçdy. Münderlenip goýlan kompýuterler, telewizorlar alaşakyrdy bolşup duran-duran ýerlerinde elenişdiler.
Urgy ikinji gezek gaýtalananda ýokarda duran kompýuterleriň biri aşakda duran telewizorlaryň biriniň üstüne gaçdy. Ikisiniňem ekrany kül-uşak boldy. Penjiräniň aýnalary döwüldi.
Bükdüzow edil böwrüne neşter sanjylan ýaly böküp ýerinden turdy. Näçe wagt bäri Aşyk Merdanyň ruhyny yzarlan kompýuteriň diskini sogrup aldy-da, derden ýaňa ýagyrnysy şorlap duran göksowult köýneginiň çep döşündäki jübüsine saldy. Dişlerini gyjap, tanşalymyz bäri birinji gezek sögündi.
–Indi syrtlaryna dykaýsynlar şu külbäni… – Ýangyn döräýmeginden heder eden bolsa gerek, şondan soň ol ylgap baryp toguň jaýa girýän ýerindäki çeşmesini bekledi.
Daşardan kimdir biriniň inçejik, gyjyrdawuk sesi eşidildi.
–Ä-äý, içinde adam bar bolaýmasyn ýene?
Bu ses näme üçindir maňa tanyş ýaly bolup eşidildi. Oňa çenlem başga biri “har-har” edip oňa jogap berdi.
–Bar bolsa çykarça wagt-a boldy.
–Duýduryldy dämi özi?
–Ile iki gezek duýdurylýan bolsa muňa üç gezek duýduryldy.
–Bas onda!..
Bükdüzow edil birinji gezek öýe salandakysy ýaly golumdan tutdy.
–Ýörüň! Bulardan her zat çykar. Bularam seniň gudalaryňdan ynsaply däldirler.
Onuň eliniň ýylylygy, ýakymlylygy meni ýene bir gezek haýran galdyrdy. Birhili ýadawlygymam aýrylan ýaly boldy.
Biz gapydan çykyberenmizde urgy ýene bir gezek gaýtalandy. Arka ýüzüne aýlanymyzda bolsa, eýýäm jaýyň köçe tarapky diwary hoňkaryp durdy. Emele gelen deşigiň gyralary deň däl. Erewde-berew. Boýy ininden iki esse uzyn. Ýokarsy inçe. Sümülip girse boljak.
Men traktorça “dur” diýen manyda elimi galdyrdym. Garaýagyz, garynlak, lopbuş ýüzli, burnunyň ujy jaýtaryp duran otuz ýaşlaryndaky ýigit traktoryny saklady-da, atan-satan bolup

kabinadan düşdi. Abşanaklap ýanyma geldi. Müýnli halda aşak bakyp durşuna megerem salam beren bolsa gerek “hoňňul-hoňňul” etdi. Men oňa:
–Inim etjegiňiz-ä etdiňiz, ýöne munça bolanyna görä ýene azajyk tagapyl et, içindäki zatlary bir çykaraly –diýdim.
Ep-esli aralykdan kimdir biriniň şaňňy sesi eşidildi.
–Öň çykarmaly ekeniňiz-dä… Ýa duýdurmadylarmy size?
Günüň aşagynda duransoň haýsydygyn-a saýgarmadym welin, sesinden çen tutup şol gelip-gidip ýörenleriň biridigini aňdym. Hälki tanyş sesem şoňky bolmaly. Gapdalynda keserip duran maşyn welin, öňki däl. Hususy. Reňki gök. Daşary ýurduňky. Täzeje.
Men oňa jogap berjegem bolmadym-da, deşikden sümlüp içeri girdim. Ýetişibildigimden Bükdüzowyň iş enjamlaryny daşap başladym. Öňi bilenem Aşyk Merdanyň ruhyny yzarlan kompýuteri çykardym. Eltip çatmanyň agzynda goýdum. Soň ýeke-ýeke galanlaryny daşadym. Häliden bäri: “Degmesene, nätseler şeýtsinler-le, indi maňa geregem ýok şo zatlaryň” diýip, bir çetde mugruljyrap, dodaklaryny kemşerdip oturan Bükdüzowam soňabaka durup bilmän, maňa goşuldy. Ikimiziň iki ýerden haýdap ýörüşimizi gören garaýagyz ýigidem traktoryny bir gyra çekdi. Öçürdi. Özem onuň kölegesinde çommaldy-da, çilim otlandy. Bolup oturşyndan onuň öz edip ýören işinden utanýandygy, çekinýändigi bildirýär. Ýöne, onda alaç ýok. Ol bir ýumuş oglany. Şonuň üçinem bize nebsiagryjylyk bilen seredýär-de, derrewem içine tüsse tartyp ýüzüni aşak sallaýar.
Onuň çilimini çekip bolaryna mähetdel, hälki “haýçykan” ýigdekçe gybyrdyklap geldi-de, ellerini kelemenledip “şaňňyl-şaňňyl” etdi.
–Kän güýmeň-süýmeň etme. Şu gün şundan dynyp köçäň aňry ýüzüne geçmelisiň!..Düşündiňmi?..
Şeý diýdi-de ol jübi telefonyna ýapyşdy. Tabşyrygyň ýerine ýetirilendigi barada kimdir birine habar berdi. Soňam megerem aýal maşgala bolsa gerek, başga biri bilen süwümsiz habarlaşdy-da, duşuşyk belleşdi. Begenjine duran ýerinde “liňk-liňk” etdi. Eglenmänem gitdi.
Içindäki ähli enjamlary çykaryp bolanymyzdan soň, halys tapdan

düşendigimize garamazdan, Bükdüzow ikimizem jaýýň aňry ýüzündäki antennalara ýapyşdyk. Olaryňam barysyny eltip çatmanyň öňüne üýşürdik.

Traktorçy ýigit diňe şondan soň öz işine başlady. Bükdizowyň näçe ýylky azaby gözüniň öňünde weýran bolup barýardy. Şonuň üçinem ol bu ýagdaýa uzak syn edip durup bilmedi. Aýagyndan ýüp salyp çekilen ýaly birden-kä ýegşerildi. Çiginleri sallandy. Oňurgasy ýaý berdi. Çep aýagynyň dyzy öňe çykdy. Ýöne, näme üçindir aşak çökmedi. Oturmady. Men ony gaýgy alada basýandyr, sümelge barada pikir edýändir öýtdüm.Şonuň üçinem:

–Bir alajy bolar, Galandar Saryjaýewiç. Juda bolmasa wagtlaýynça biziňkide boluberiň. Bu enjamlaryňyzam eltip meniň ussahanama dykarys welin, bor durubir. Özüňizem ýörüň, çatma gireliň. Serdip dursaňyz hasam erbet borsuňyz – diýip göwünlik berdim.

Ol haýaljakdan ýöräp ýanyma geldi. Öňküsindenem beter oýa çümdi-de, basyk, ýadaw ses bilen düýbünden başga zat barada gürledi.

–Adamzat ähliniň barysy haçanam bolsa bir wagt Ýedinji asmana çykar. Hökman çykar. Ýer boşap galar. Men şuňa ynanýan. Sebäbi Ýedinji asman onuň başky mekany. Ol o ýerden şeýtanyň ugryna gidendigi üçin kowuldy. Ýöne, Barhuda adamzat üçin ol mekanyň gapysyny hemişelik ýapmady. Açyk goýdy. Öňki derejäňize ýeten günüňiz geläýiň diýdi. Şol derejä ýetenleri ol şu günki günem kabul edip gidip otyr. Ýene-de kabul eder. Ruhy kämillige ýetip bilmese welin, adamzat oňa hiç hili tilsim, hiç hili tehnika bilen baryp bilmez. Öz ýeten ruhy derejelerine görä, olaryň hersi bir gatlakdan yzlaryna tarap zyňylar durarlar…

***

Howwa, Aşyk Merdana men bu ýerde garaşýardym. Emma ol gitdi. Ol ikimize indi birek-biregi görme ýok. Çünki, ol-a indi hiç haçan zemin üzre dogulmaz. Meniň ruhym bolsa hiç haçan Ýedinji asmana çykyp bilmez. Ol meniň bu az pursatly ýyllarda gazanan günälerimi göterip bilmän, asmanyň ortaky ýa ondanam has aşaky gatlaklaryň birinden yzyna gaýdar we jezasyny çekmek üçin ýene-de şu jepaly topragyň üstünde täzeden doglar.

Şeýle-de bolsa men indi gözlerimi ne gije, ne gündiz asmandan aýryp bilemok. Gyş agşamlary aram-aram daş çykyp tomus agşamlary beýik täleriň üstünde, aýbogdaşymy gyrup dik- depäme bakyp oturşyma içinde janly hereketler bolup duran uç-gyraksyz asmany, ýumşaksy gara mahmalyň üstüne sepilen dür däneleri deý bulduraşypjyk görünýän ýyldyzlary, ýüpekdenem ýumşak gök ýaşmagyny ak roýuna kä doly, kä dolmaz çekip, käte bütünleý syryp, uýala-gorka aýlanyp ýören Aýyň jemalyny synlaýaryn.
Ýyldyzlaryň käbirleri gözlerini petreýdişip golaýrakdan görünse, käbirleri çalaja yşraýyşyp alyslardanam alyslarda görünýär. Akmaýanyň ýoly yşkyň ýoly deý öwrüm ýasap gözýetime uzap dur. Ömrizaýa wagtyndan ir öten kimsäniň keç ykbalyna meňzäp gara ýeri bagyrtlap ýatyr. Ony eliň bilen garbap alaga-da, birneme ýokarrak oklaýasyň gelip dur. Ýaldyrak- wepaly ýar tapan gussasyz ýigidiň bagty kimin bir syhly lowurdap dur. Ülker kowýar, Uly Ýedigen gaçýar. Edil söweş meýdany ýaly. Daň atdygam duşmandan dowul tapan leşgeriň ýadaw esgerleri ýaly dumly-duşa dargaşýarlar.
Şondan soň asmanyň aftap burçundan Taňrynyň tylla tasy lowurdap çykýar we äwmezlik bilen özüniň müdimilik ýoluna başlaýar.
Men welin şonda-da asmandan gözümi aýryp bilemok. Agşam düşse daňyň ataryna, daň atsa günüň bataryna garaşýaryn. Asmanyň ýüzüni bulut örtse, zemin üzre gar-ýagmyr ýagsa, ýel-harasat gopsa gynanýaryn. Açylsa, asman dury bolsa begenýärin.
Ýöne, meni özüne bendi edýän zat ýeke bir asmanyň ýüzündäki ýyldyzlaryň, Aýyň, Günüň gözel görki däl. Onuň özi. Onuň gatlary. Hususan-da Ýedinji gaty. Çünki ol ýerde meniň jigerbendim bar. Şeýle hem ol ýerde ýetmiş iki perdäniň aňyrsynda Biribaryň özi otyr. Ol meniň oglumy öz ýanyna ogullyga aldy. Kämil ruh hökmünde oňa ruhy ten, öz öýünden baky orun berdi. Şonuň üçinem, meniň kalbym indi arşy-aglaýa ömürlik bent, gözlerim gijeu-gündiz şol tarapda.
…Göwnüme bolmasa günlerde bir gün Aşyk Merdan Biribardan bir günlükçe rugsat alyp zemin sary gaýdyberjek ýaly, Akmaýanyň ýoly üzre ýyldyzlardan tozan turzup gelşine dik depämde saklanaýjak ýaly, ondanam göze görünmeýän şöhleýi basgançasklar

arkaly aşak düşäge-de, gaşyma gelip howlukmaçlyk bilen: “Kaka, me şuny mugallymlaryma eltip bersene, diplom işimi edip ýetişmedigim üçin olar menden nägile bolup ýörmesinler” diýip, “Ýedi gat asman” atly şaý-sepler toplumyny şowurdadyp goşawujyma guýaýjak ýaly bolup dur.
Şonuň üçinem men ne gije, ne gündiz asmandan gözümi aýryp bilemok. Aşyk Merdanyň zemine injek pursadyny nazarymdan sypdyraryn öýdüp gorkýan.

Aşgabat. awg-okt.2005ý Powestler